# Soñ dünýäme girer bolsañ

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Soñ dünýäme girer bolsañ SOÑ DÜNÝÄME GIRER BOLSAÑ

Gözleñ bilen gözlerime,
Öñ hilesiz garan bolsañ.
Menem tämiz duýgulamdan,
Yşk ýumagyn saran bolsam.
Soñ kalbymyñ jümmüşinde,
Saña dünýä guran bolsam.
Oñ şalygna diñe seni,
Hökmürowan gören bolsam.
Gulaçlañda yşk derýasyn,
Joşup däli tereñ bolsam.
Şeýdip ähli ygtyýarym,
Saña sowgat beren bolsam.
«Gitme»-diyip, saçlarymy,
Señ boýnuña oran bolsam.
Indi senem şol syrtmakdan,
Sypyp bilmän ýören bolsañ.
Ine şeýdip ahyr bir gün,
Yhlasymdan iren bolsañ.
Meñ dünýämde sabalarda,
Ahmyr bilen ören bolsañ.
Hyýalyñda, hakydañda,
Aýry dünýä guran bolsañ.
Şeýdip ýalan heser bilen,
Duýgularmy gyran bolsañ.
Ýene gelip ökünç bilen,
Güllerimi tirer bolsañ.
Duýgularym jellat bolar,
Soñ dünýäme girer bolsañ.

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA. Goşgular